# Halk ýazyjysy Çary Aşyrowyñ ýubileýinde ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Halk ýazyjysy Çary Aşyrowyñ ýubileýinde ýazylan goşgy HALK ÝAZYJYSY ÇARY AŞYROWYÑ ÝUBILEÝINDE ÝAZYLAN GOŞGY

I.

Tüweleme, ýaşyñ göýä ýigrim bäş,
Guwanýas: gojalyk entek daş, sen ýaş.
Dür saçýar akylyñ şygyr-kyssadan,
Nusga alýar ýaşlar senden-ussatdan!..

Hemme zat özgerip, gelip geçip dur,
Bir göç ýaýla gonsa, bir göç göçüp dur,
Her zadyñ öz möwriti bar, wagty bar,
Synamyzda gojalygñam tagty bar,
Wagt bir mekir zat her zady duýýar,
Birden gojalygy süññüñe guýýar…

II.

…Şeýdip bir gün ýaşlyk ýürekden göçer,
Saç agarar, tende muhabbet öçer,
Bu derde kimdendir medet gözlener,
Inçe umyt bilen lukman yzlanar;
Ýöne arman, oña alaç, perman ýok,
Adyl Lukmandan-da şypa, derman ýok!..
Otursañ turmañ señ bir uly dertdir,
Bu şo gojalyga kanuny şertdir.

Elleriñ sandyrar, gözleriñ nemli,
Melhemlidir dyzyñ,
Ýa biliñ emli.
Garransyñ, paýawdyr ýaşlygyñ yzy!..

Ine, dostum, şonda,
Şo müşgül günde,
Ýetişsin-dä hernä isaýy demli,
«Ady – Nina, özi ermeni gyzy!»

III.

…Gojalyk her näçe seni guçsa-da,
Synañda görmedik genjin açsa-da,
Ýaşlyk meýlin entek kalpda saklarsyñ.
Kyssañ bilen kän arzuwy haklarsyñ!
Goja-da diýsinler, diýsinler garram,
Gaýta borsuñ, mydam giñ ýürek, horram,
Baý miras galdyrýañ ömrüñ haýp däl,
Gojalyk şandyr, dost, asla haýyp däl!..

Anna MUHADOW. Goşgular